Hormatly Prezident Serdar Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistan parahatçylygy, durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak boýunça oňyn syýasaty durmuşa geçirýär. Bu başlangyç diňe bir milli çäkde däl, eýsem, halkara forumlary, maslahatlary we beýleki çärelere gatnaşygy arkaly bütin dünýä derejesinde giň gerimde ýaýbaňlandyrylýar.

Bu ýörelgä Türkmenistanyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň döredijilik ýoly hem aýdyň şahadat berýär. Onuň “Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany” atly goşgusy ýurdumyzyň bu ugurdaky abraýyny has-da berkidýär.

Bu ýylda Türkmenistanyň Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy we ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan “2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” diýlip yglan edilmegi mynasybetli giň gerimli halkara çäreler geçirilýär. Şunda ýurdumyzyň başlangyjy boýunça BMG-niň syýasy meýdançasynda döredilen parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň çäklerinde hem özara hyzmatdaşlyga möhüm ähmiýet berilýär. Munuň özi ýüze çykýan gapma-garşylyklary parahatçylykly, syýasy-diplomatik ýollar we usullar arkaly kadalaşdyrmaga, döwletleriň arasyndaky ynanyşmagy we düşünişmegi pugtalandyrmaga ýardam bermäge gönükdirilendir.

Parahatçylyk we ynanyşmak adamzadyň abadan geljegini üpjün etmek üçin biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly iň gymmatly düşünjeler bolup, ol häzirki wagtda döwletleriň we halklaryň arasynda hyzmatdaşlygyň hem-de ösüşiň baş ýörelgesine öwrüldi.

Dünýäde parahatçylyk söýüjilikli ýörelgeleriň esasynda ýurdumyzyň halkara giňişligindäki ornuny beýgeldýän, dünýäniň ösen döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda beýik işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun! Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda alyp barýan dünýä nusgalyk işleri, tutumly maksatlary uly üstünliklere beslensin!

**Pirnazar DURDYÝEW**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026